# Hojamşüküriñ nalasy / poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hojamşüküriñ nalasy / poema

■ Duşakly Nurnazar mollum (N.Jumanazarow) we ýene birnäçe mirasgärler Tejen Babadaýhanda Tekeleriň bäş galaly eýýamynda hanlyk eden Hojamşükür hanyň guburyny gözläp tapypdyrlar. Ol öňden ýerli ýaşaýjylar tarapyndan bilinýänem eken, ýöne idi-yssywat edilmändir gubura. Nurnazar aga Babadaýhan Täzeýoldan Baýram diýen birine haýyş edip bir zatlar ýazmagyny isläpdir. Netijede şu poema döräpdir.

▶ HOJAMŞÜKÜRIÑ NALASY

Gören ýagdaýlarym niçik ýazaryn
Zyýarata bardyk gözläp mazaryn.

Sorap-idäp ýörkäm gonamçylygy
Salgy berdi ony uly hem kiçi.

Soňky sorag salanym bir ýaş oglan
Anha diýdi, ýokdur dikilen nyşan.

Bilmesekde bilýän ekenler tükel
Hojamşükür gonamçylygy eken.

Döwründen soň jaýlamandyrlar adam
Gizlenen keseki hem özge şadan.

Ady bir öwlüýä şoruň içinde,
Göz-gülüban çöpüň-çörüň içinde.

Mal örüsi galan toýnak astynda,
Bir gorag ýok degresinde destinde.

Töweregne suw kowulyp har bolan,

Ýatyr munda kowum hyşa zar bolan.

Eý okyýjym munda ýatan biliň siz,
Hojomşükür handyr doga kylyň siz.

Zabun döwür bäş galaň hany bolup,
Başarjaň, akylly alada kylyp.

Dilewarlylygy hem mylaýymlylygy,
Ähli halda görgür hem gaýymlylygy.

Ylymdan hem ýükü ýetik bolansoň,
Bäş galaň ilini halyn bilensoň.

Tekäni göçürip Saragta sary,
Ýagşy eýlän, ile-güne mydary.

Ýurdy üçin neden gaýgyrman jany,
Il üçin otuz ýyl çeken jepany.

Anha indi ýatyr hary-zar bolup,
Idi-yssywatsyz guma garylyp.

Degresinde ýatyr kowum gardaşy,
Ýow gününde başyn beren syrdaşy.

Ne ýollarda, golaýynda nyşan bar,
Ýatyrdy han aýat-doga, bolup zar.

Mazarlaň üstünden geçýän mallaram,
Aýlanypdyr, aňyp garyp hallaryn.

Basgylaman geçipdirler her ýandan,
Habarlary bar dek öten zamandan.

Emma, basan yzyça ýok nadanlaň
Mazaryna barýan ýoluň-ýodanyň

Üsti kümmetlidi daşy goragly,
Ýolda nyşany bar, ady hem zerli.

Eý beýik han rza bolawer menden,
Gözläp tapanlygma, gaty utandym.

Görmän, bilmän ýörkäm, gardaşlaň kileň,
Öwünip gürlärdi, seň adyň bilen.

Etrabynda ýatan obaň uly-il,
Göz aýlaman iller kylypdyr zelil.

Men bir garyp, özge näme diýeýin,
Mundan özge niçik gamyň iýeýin.

Şahyr Baýram-Kelet, bu hala ýyglan,
Beg bolmazmy dostlar, ölüsin sylan.

Poemalar